# Türkiýäniň ilçihanasy «Ýaşyl geljegiň umytlary» atly çagalar festiwalyna çagyrýar

«Ýaş tebigatçy» jemgyýetçilik guramasy we Bilelikdäki türkmen-türk mekdebi 23-nji aprelde «Ýaşyl geljegiň umytlary» festiwalyny geçirer.

Eko-gözlegiň dowamynda çagalar tebigata ideg etmegiň wajyplygy we adam hereketleriniň netijeleri barada düşünjelerini artdyrarlar. Gaýtadan işlenen materiallardan ýasalan senetleriň sergi-bäsleşiginde zerur däl materiallardan çagalaryň öndüren täsin önümleri görkeziler. Öýde ulanyp boljak galyndylary gaýtadan işlemegiň ýönekeý we täsirli usullary barada gürleşerler.

Çagalar oýunlary we güýmenje, eko-gözleg, gaýtadan işlenen materiallardan ýasalan senetleriň sergi-bäsleşigi we galyndylary gaýtadan işlemek boýunça ussatlyk synpy ýaly Bilelikdäki türkmen-türk mekdebinde geçiriljek bu çäre üçin gyzykly maksatnama taýýarlandy. Gatnaşýanlar palçykdan, çişirilýän oýun meýdançasyndan, pagta süýjülerinden, halk tansyndan, hokgabazlaryň çykyşyndan, çagalaryň aýdymlaryndan we başga zatlardan lezzet alarlar.

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024